# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIGINDE WATANÇYLYK, MILLILIK WE AHLAK MESELELERI



## EDEBIÝATLAR

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2016.
2. *Nazarow G., Mülkamanow A., Öwezgeldiýew M., Çaryýew M., Nuryagdyýew A.* Magtymguly. Saýlanan eserler. – A.: TDNG, 1983.
3. *Çaryýewa E.* Söz aslyna ýet ýagşy. – A.: TDNG, 2015.

**Akmeňli GÖKIÝEWA**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara hukugy we deňeşdirme hukuk öwreniş kafedrasynyň Halkara hususy hukugy ugrunyň magistranty*

## MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ AÝAL-GYZLARYŇ DURMUŞDAKY KANUNY ORUNLARY BARADAKY ÖŇE SÜREN PIKIRLERI

Magtymguly Pyragynyň köptaraply baý döredijiliginiň ep-esli bölegi aýal-gyzlara degişlidir. Magtymgulynyň zenanlara degişli döreden eserleri olaryň diňe bir görk-görmegini, daşky keşbini, owadanlygy taryplamak bilen çäklenmän, eýsem, zenanlaryň gylyk-häsiýetini taryplamak, olaryň maşgalada, jemgyýetde tutýan uly ornuny görkezmek bilen utgaşdyrylyp beýan edilýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda, ýurdumyzda zenan mertebesi belentde tutulýar. Taryhda belli bolşy ýaly türkmen halky zenanlaryny gözüniň göreji ýaly saklap, olara dünýädäki iň owadan we gymmatly zatlary bagyş edipdirler. Her döwürde her bir şahyr türkmen zenanyny suratlandyryp wasp edipdir.

Magtymgulynyň goşgularyny okan her bir okyjy durmuşda gabat gelýän iň bir çylşyrymly ýollardan hem baş alyp çykmaga aýdyň ýollary tapýar. Akyldar gelin-gyzlara örän uly hormat goýýar. Şahyr umman ýaly giň we çuň manyly, köptaraplaýyn döredijiliginde türkmen halkynyň durmuşy, däp-dessurlary bilen birlikde gelin-gyzlaryň mertebesi, gylyk-häsiýetleri, edep-ekramy, görk-görmegi bilen baglanyşykly ençeme şygyrlary döredipdir. Ol zenanlaryň maşgala, durmuşda, jemgyýetde tutýan uly orny baradaky pikirleri öňe sürüpdir.

Şahyr:

Dünýä ýüzi meňzär duzsuz tagama,
Söz içinde gelin-gyz hem bolmasa –

diýmek bilen, gelin-gyzlary maşgalanyň görki, durmuşyň bezegi hasaplaýar [1].

garamazdan, adamyň we raýatyň kanunyň we kazyýetiň öňündäki deňligini kepillendirýär (28-nji madda). Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 29-njy maddasyna laýyklykda, «Türkmenistanda erkekler bilen aýallaryň deň hukuklary we azatlyklary, şeýle hem olary durmuşa geçirmek üçin deň mümkinçilikleri bardyr. Deňhukuklylygyň jyns alamaty boýunça bozulmagy kanunda bellenilen jogapkärçilige eltýär» [3].

Gender deňligi durnukly ösüş bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr we adam hukuklarynyň hemmeler üçin durmuşa geçirilmegi möhümdir. Gender deňliginiň umumy maksady – bu zenanlaryň we erkekleriň durmuşyň ähli ugurlarynda deň mümkinçiliklerden, hukuklardan we jogapkärçiliklerden peýdalanýan jemgyýetdir. Erkekler bilen zenanlaryň arasyndaky deňlik, jynslaryň ikisi-de güýç we täsir paýlanyşygyna deň derejede gatnaşyp, iş ýa-da işewürligi döretmek arkaly maliýe garaşsyzlygyny gazanmak üçin deň mümkinçiliklere eýe bolanda bolup bilýär; bilime deň elýeterlilik we şahsy maksatlaryny, gyzyklanmalary we zehinleri ösdürmek mümkinçiligine eýe bolanda; öý jogapkärçiligini we öý işlerini paýlaşyp, işde-de, öýde-de gorkuzylmadan, sütemden we jyns zorlugyndan doly azat bolanda bolup bilýär [4].

Milli kanun çykaryjylyk, konstitusion deňhukuklylyk ýörelgelerine daýanmak bilen, erkekleriň we aýallaryň häkimiýet düzümlerine sazlaşykly gatnaşyklaryny gazanmaga mümkinçilik berýän, zenanlaryň ykdysady garaşsyzlygy, öz söwda we telekeçilik işlerini ösdürmek we gulluk wezipesi boýunça ösmeklerini üpjün etmek, maşgalada hukuklaryny we borçlaryny amala aşyrmakda deň şertleri döretmek üçin mümkinçilik berýän möhüm hukuk binýadyny we kepilliklerini göz öňünde tutýar.

Bäş müňýyllyk taryhy bolan türkmen halkynyň däp-dessurlarynda berk we paýhasly nesil hemişe ýetişdirilipdir we her bir maşgalanyň borjy bu asylly däplere eýermek bolupdyr. Aýallar çaga terbiýelemegiň we täze nesilleriň kemala getirilmeginiň ata-babalarymyz tarapyndan toplanan baý tejribesini ulanmak bilen maşgala gymmatlyklaryny saklamagy we goramagy başarýarlar. Ýokary ahlaklylyk, päk göwünlilik, rehimlilik, ygrarlylyk – biziň zenanlarymyza mahsus bolan ajaýyp häsiýetlerdir. Türkmen zenanlary ezber elleri bilen ajaýyp halylary we keşdeleri döredýärler. Olaryň bu döredijiliklerinde olaryň ussatlygy we irginsiz zähmeti öz beýanyny tapýar. Asyrlaryň dowamynda bu ýokary sungat eneden gyza, nesilden nesle geçirilipdir we özboluşly terbiýe mekdebine öwrülipdir.

Magtymguly Pyragy gelin-gyzlar barada ýazan goşgularynda olaryň maşgaladaky ornuny, mertebesini, çeper elliligini hem wasp edýär. Olary maşgalada erkekleriň pikirdeşi, şatlygy, gaýgyny deň paýlaşýan, durmuşyna bezeg berýän,wepaly ýanýoldaşy hasaplapdyr. Bu barada:

Hut şoňa görä-de türkmen ýigitleri aýallaryň sarpasyny, mertebesini emydama ýer-asmana göterip, olaryň belent adamkärçiligine, edim-gylymynyň päkligine, ýokary baha berip gelipdirler. Erkek kişiler zenanlary ýürekden söýüp, olara bar ary-manyny ynanypdyrlar, hakyky türkmen zenany maşgala çäksiz söýgüsi, namysy bilen öz at-abraýyny mydama arşa götermelidir. Munuň üçin ýigit gyzlaryň içinden akylly-başly özüne ömürlik ýar saýlamagy başarmalydyr. Iň esasy zat, söýginiň, hormatyň, ynamyň ikitaraplaýyn bolmagydyr.

Şu manyly sözleri okan mahalyň dünýä ösüşiniň häzirki zaman şertleri we globallaşmanyň gapma-garşylyklary aýallaryň ýagdaýyna hem täsirini ýetirýändigine göz ýetirmek bilen, aýallaryň hukuklarynyň üpjün edilmegi demokratiýanyň pugtalandyrylmagyna, ýaşaýyş-durmuş şertleriniň derejesiniň gowulandyrylmagyna, durnuklylyga we geçirimlilikge ýardam edýär.

Häzirki döwürde aýallaryň mynasyp orny bolan, olaryň durmuş saýlawy, jemgyýetçilik we döwlet işine gatnaşmaga deň ygtyýarlyklary we deň mümkinçiligi bolan ýurtlar has durnukly we durmuşa ukyply ýurtlar bolup, olar täze ýüzýyllygyň meseleleriniň çözgüdine taýýardyrlar. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ata Watanymyzda jemgyýetçilik-syýasy, durmuş-ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlarda alnyp barylýan işlere zenanlaryň erkekler bilen deň derejede gatnaşmagyny has-da ýaýbaňlandyrmak üçin zerur bolan şertleri döretmek babatynda giň gerimli işler alnyp barylýar. Ýurdumyzda zenanlaryň hal-ýagdaýy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we halkara hukuk namalarynda ileri tutulýan ugurlary bilen kesgitlenilýär. Ýurdumyzda döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda gender deňliginiň üpjün edilmegini Türkmenistanyň Konstitusiýasy kepillendirýär. Bu strategik çäreleriň durmuşa geçirilmegi, türkmen jemgyýetindäki demokratik ösüşi has-da çuňlaşdyrmaga, milli kanunçylygy kämilleşdirmäge, döwletiň ykdysady, syýasy we medeni durmuşyna raýatlaryň işjeň gatnaşmagyna we raýat jemgyýetiniň berkidilmegine gönükdirilendir [2].

Aýallaryň we erkekleriň deň hukuklylygy, adam hukuklarynyň giň möçberli ulgamynyň aýrylmaz parçalarynyň we durmuş taýdan adalatlylygy üpjün etmegiň şertleriniň biri bolup durýar. Adam hukuklarynyň Ähliumumy Jarnamasyny ykrar etmek arkaly halkara borçnamalaryna gyşarnyksyz eýerip, Türkmenistan adam hukuklary hakyndaky esasy halkara namalaryna, şol sanda aýallaryň hukuklary hakyndaky jarnamalara we konwensiýalara goşuldy.

Zenanlar barada alada, jemgyýetde olaryň ornuny berkitmek, Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda, gender deňligini üpjün etmek Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň syýasy ýörelgesiniň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Esasy kanunymyzda adamyň we raýatyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň deňligini, şeýle hem haýsy milletine, deriniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ynam-ygtykadyna ýa-da gaýry ýagdaýlara

Döwletli är gerek, söweşde serhoş,
Ýat bilen baryşsaň, bolar sen gardaş,
Ýagşy ogul, ýagşy aýal, gyz syrdaş,
Bu döwlet hiç kimiň eline degmez –

diýip ýazypdyr.

Akyldar şahyryň gelin-gyzlar hakdaky şygyrlary, pentleri we öwüt-nesihatlary halkyň ýüreginiň töründe orun tapdy. Häzirki wagtda ýurdumyzda aýal-gyzlaryň erkin we döredijilikli zähmet çekmegi üçin uly tagalla edilýär. Zenanlar bagtly durmuşda ýaşap, ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda halal zähmet çekýärler, nesil terbiýeleýärler.

Beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň ýaşan zamanasynda hem, biziň häzirki döwrümizde hem gelin-gyzlaryň hormat-sarpasy örän uludyr. Türkmen zenanlary maşgala ojagynyň abadançylygyny, agzybirligini üpjün etmek üçin köp iş bitirýärler. Maşgaladaky ýaş nesliň edep-terbiýesi meselesinde aýal maşgalanyň hyzmatynyň örän uludygy her birimize mälimdir. Türkmen halky ýöne ýere enäni Käbä deňemeýär. Ine, şeýle mähir paýlaýan mähribanlaryň mertebesini belent tutýan beýik söz ussadymyz Magtymguly Pyragynyň olar baradaky dürdäne setirleri okyjylaryň kalbynda uly orun tutýar. Beýik şahyryň döredijiliginde gyz-gelinleriň, aýallaryň gadyr-gymmaty, at-abraýy, maşgaladaky hyzmaty, wepalylygy barada aýdylýan pähimli setirler şeýle netijä gelmäge ýardam edýär.

Ene dünýä jan getirip bilýänligi üçin hem mukaddesdir. Şonuň üçin dünýäniň öňdebaryjy adamlary enä, zenana hormat goýmagy edepliligiň, medeniýetliligiň, adamkärçiligiň iň ýokary nusgasy hasaplaýarlar. Gahryman Arkadagymyzyň: «Hawa, il-ulus enä bimöçber uly hormat goýýan bolsa, şol ilde adamkärçiligiň iň asylly ýörelgeleri hem ýaşaýandyr. Eneler müdimi gudrat. Olaryň elmydama ýanymyzda bolmagy hem biziň arzuwymyz» diýen jümleleri enelere goýlan sylag hormatyň nähili derejededigini aýdyň görkezýär [5].

## EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. I tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.
2. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2020.
3. https://www.atavatan-turkmenistan.com/magtymgulynyn-doredijiliginde-zenanlaryn-kesbi/
4. https://zamanturkmenistan.com.tm/?p=56762
5. https://turkmenistan.unfpa.org/tk